Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň ady dünýä dolýar.  Geçen ýylda beýik akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň halkara derejesinde giňden dabaralandyrylmagy hem munuň şeýledigini subut etdi.

Türkmeniň milli buýsanjy, şygryýet äleminiň çyragy Magtymguly Pyragynyň sagdyn pikirlerinden daýanan, durky bilen päklige ýugrulan ajaýyp pikir-paýhasy türkmeniň ruhy ahwalynyň ýüz görülýän «aýnasyna» öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabyny sowgat etmegi bolsa geçen ýylyň şatlykly wakalarynyň birine öwrüldi. Türkmen, rus we iňlis dillerinde aýratynlykda çap edilen bu kitapda beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy, dünýä edebiýatyna goşan ägirt uly goşandy, akyldaryň ömri we döredijiligi barada täsirli jümleler bar.  Bu bolsa, kitaba bolan gyzyklanmany artdyryp, döwrümize mynasyp nesilleri kemala getirmekde gymmatly gollanma bolup hyzmat edýär.

Bizi buýsandyrýan zatlaryň biri-de «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçen taryhy ýylda paýtagtymyzyň gözel künjeginde, Köpetdagyň eteginde «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynyň we şahyryň beýikligi 60 metr bolan ýadygärliginiň açylmagy, şeýle-de akyldar şahyrymyzyň eserlerini öz içine alýan «Magtymguly» atly kitabyň neşir edilmegi boldy. Bu zatlar her birimizde çäksiz buýsanç we şatlyk duýgusyny döretdi.

Bu gün akyldar şahyryň arzuw eden agzybirligi bagtyýar halkymyzyň öz döwlet Baştutanynyň daşyna berk jebisleşmegi bilen uly many-mazmuna eýe boldy. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredýän ajaýyp eserlerinden ruhlanýan il-günümiz bu gün erkana ýaşap, döredýär, ruhubelent zähmet çekýär.

Hormatly Prezidentimiz il ykbalyny öz ykbalyndan eý gören Magtymguly Pyragynyň umytlara we ynamlara ýugrulan «Berkarar döwlet islärin» diýen arzuwlaryny hasyl edip, il-günümiziň asuda, berkarar Watanda erkana ýaşamagy üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýär. Akyldaryň setirlerine siňen arzuw-hyýallar nesilleriň gursagynda ýaşap, ömürlerden – ömürlere ýol ýasady. Ol sözler, setirler bu gün Jeýhun bilen Bahry-Hazaryň arasynda ýaýylyp ýatan ümmülmez giňişlikde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri bolup dowam edýär.

Bu gün parahatlygy, agzybirligi bilen dünýä tanalan türkmen halkynyň öz akyldar şahyryna bolan buýsanjy, guwanjy çäksizdir. Hormatly Prezidentimiziň il-gününe peşgeş beren

Все права защищены

«Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly täze kitaby her birimiziň söýüp okaýan eserimize öwrüldi. Öz şygyrlary bilen halkyň öçmez çyragyna öwrülen beýik şahyryň ömri we döredijiligi ýaş nesiller üçin nusgalyk ýoldur.

Türkmen halkyny Magtymguly Pyragynyň arzuwlan zamanasyna ýetiren Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny arzuw edýäris.

**Aýbölek GURBANOWA**
**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky**
**mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены